# Nirede şol gije?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nirede şol gije? NIREDE ŞO GIJE?

Şo gije ýyljak suw akýardy kökden,
Goparyp mädesin suwotylaryň,
“Ilkinji tohumy taşlan kim”- diýip,
Tolkunlar megerem gelýär ör-gökden…

Ýuwupdy baş gabyn gamgyn gözeliň,
Saçlarny mekgäniň gulpagy saýyp…
Şol gije içine sygman suwlary
Derýa joşup,
Alçalaryň ak güli
Hemem hoz agajy ýeldirgän ýaly,
Ýüzüpdi derýanyň üstünde taýyp…

Körpeligmi gaçyran deý men suwa,
Derýaň gyrasynda ylgaýar ýaşlyk…
Hany şol gije, suw?
Gijäm nirede?
Göýä aýdym aýdan gyzdan ar alyp,
Derýaň balyklary köpükläp saçda,
Gaýnaýan deý, ýüregim suw, elim buz…

Hany şol janly suw, palçyk ýagyşlar,
Gyşyk çatma, towuklary “gohlaýan”?
Meň göresim gelýär gyýkyndylaryn,
Şapaga gyzaran bugdaý mahmalyn.

Pisse küdümlerniň üstünden dogýan
Äpet güne salam berip ir säher,
Derýanyň şykgysyn kagyzym kimin,
Ýagmyryň astynda süpürüp bahar,
Meniň şo günlere barasym gelýär?

Derýa goýber meni ganatlaryňa,
Garaşyp, garaşyp unutdyňmy ýa?
Ilkinji miwäni datdym goýnuňda,
Ýa sen hakydamy ýuwutdyňmy ýa?

Gyşlakda titirän saman kepbeleň,
Kenary[a gelşik berişin geňläp,
Sen meniň ýüregmiň urgusyn bir gün,
Bilmen öýtdüň belki hiç wagt diňläp,
Gelmez öýtdüňmi ýa?

Ber mäňä ýene- de ýekeje gezek,
Yza ýüzmek üçin gaýraty, ýenem…
Dur… men hon-ha görýän bagtyýar ýagşyn,
Palçykly ýagmyryň, şol ady bilen…

Ölläp üstüm kenaryňda durun şat,
Doňan oglanlygym bilen ýüzbe-ýüz.
Üçekleň ýagmyry, gamly gol üşäp…
Artykmaçlyk edýär ýeke söz bu gün…

Ýaňaklam gyzarýar, derýa haladyn,
Şapyrdadyp, gije başyna geýýär.
Hany şol gijeler,
Hany söýgülim,
Hany başyndaky myžžyk şol öýme?

Öl plaşly derýa, ýiten çagalyk,
Hem gamgyn kenar hem bitewi göýä,
Meň bilen… ylgaýar ýaşlygym göýä,
Derýanyň içinden ýitigmi gözläp…

Terjime eden Oguljennet BÄŞIMOWA. Goşgular